# «Hudaýa ynanmaýanlar kapyrmy, ýa-da…»

Category: Kitapcy,Söhbetdeşlik
написано kitapcy | 22 января, 2025
"Hudaýa ynanmaýanlar kapyrmy, ýa-da…" «HUDAÝA YNANMAÝANLAR KAPYRMY, ÝA-DA…»

● **Eliaçyk hoja: «Kimdir biri öňden bäri Hudaýa ynanmaýanlara kapyr diýýär, aslynda welin…»**

– Hojam, dinde köp ýoýulýan zatlaryň birem jady-tilsim, doga-tumar. Häzirki günlerde jady-tilsim meselesine nähili garamaly?

– Jady-tilsim – aldamak diýmekdir, bolýan zatlary başga hili edip görkezmekdir. Mysal üçin, teleýaýlymlarda gaty köp jady-tilsimler edilýär. Al-ýaşyl we hemme zat gülala-güllük edip görkezilýän sahnalar bar. Durmuş hakykatlary ýoýulýar, bolşy-bolşy görkezilmeýär. Ýurtda kyýamat gopup durandyr welin, adamlar teleýaýlynda pingwinler baradaky gepleşige tomaşa edip oturandyr. Bolýan zatlary gizleýärler. Emma hakykaty hemmeleriň bilmäge haky bar. Adamlaryň hakykaty bilme hukugyny elinden almak, ine, bulam jady-tilsimiň bir görnüşidir.

– «Ýasin» süresiniň 47-nji aýatynda Kuran «Eger islese, Allanyň doýurmaly ýoksullaryny biz doýurmalymy?» diýýänleri kapyr hökmünde görkezýär. Ýagdaý şeýle bolýan bolsa, biziň günlerimizde kapyrlyk düşünjesine nähili düşünmeli?

– Şol döwrüň müşriklerine Hudaýa ynanmaýandygy üçin kapyr diýlenokdy. Köp dindar kişiler Ebu Jehili hudaýsyz, dinsiz, imansyzdyr öýdüp pikir edýär. Men olary näçe wagt bäri gaflat ukusyndan oýarmaga jan edýärin. Kuran «Alla doýursyn, baý baýlygy bilen, garyp – garyplygy bilen synalýar» diýýänlere kapyr diýýär. «Ýasin» süresiniň 47-nji aýatyny segsen dürli düşündirip bolýar, ynanmasyňyz, dilimize terjime edilen

wersiýalaryny deňeşdirip görüň. Kuran «garyplyk takdyrdyr, baýlyk synagdyr, men berjek däl» diýýänlere kapyr diýýär. Iman edenler bolsa Hudaýa bil baglanlardyr. Ýere, ýerden önýän zatlara, çeşmelere, haýwanlara eýemsiräp, adamlary gul-gyrnaga öwrüp, «bu zatlaryň barsy meňki, maňa degişli» diýýänler Hudaýa bil baglap bilmeýänlerdir. Çünki Hudaýa bil baglaýanlar baýlyk toplamaýar. Hudaýa bil baglaň we baýlyk toplamaň, ine, hakyky mömin şudur. Allatagala özüne bil baglamaýanlara kapyr diýýär, ynanmaýanlara däl. Çünki şolaram «Gökleriň we ýeriň eýesi kim?» diýip sorasaň, «Alla!» diýip jogap bererlerdi. Meselem, Ebu Jehil namaz okaýan, oraza tutýan, doga edýän, kyrkdan bir ülüş zekadyny berýän sarykly-selleli, jüpbeli, sakgally-sarmykly hajy adamdy, emma dyrnagyndan dary damanokdy, garyba-gasara zat bermeli bolsa, duran ýeridi. Gepiň keltesi, dindarlar müşrikdir.

31.12.2014 ý. Söhbetdeşlik